# Selaheddin Eýýuby we döwlet: Üçünji haçly ýörişi we Akkanyň goralmagy

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Selaheddin Eýýuby we döwlet: Üçünji haçly ýörişi we Akkanyň goralmagy III HAÇLY ÝÖRIŞLERI WE AKKANYŇ GORALMAGY



Trablusdan Sura gaýdan Gui de Lusignan bilen Suruň häkimi Konrat de Montferradyň arasynda gepleşiklerde geçirildi. Onda Guiniň Kudusyň korollygyna täzeden geçmegi üçin haçlylaryň başynda durup, ýörişe geçmek we Konradyň Surdan oňa kömek etmek meselesinde ylalaşyk gazanyldy.
Şol wagt 1187-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda Kudusyň musulmanlar tarapyndan basylyp alynmagy netijesinde Papa Urbanus III gaýgy-gamdan ýogalypdy. Onuň ýerine geçen Gregorius III bir beýannama ýaýradyp, katolik dünýäsini täze haçly ýörişe çagyrdy. 1187-nji ýylyň 17-nji dekabrynda Gregoriusyň wepat bolmagyndan soňra papa bolan Klemens III tagallasy bilen Angliýa bilen Fransiýanyň arasyndaky söweş ýatyryldy. 1188-nji ýylyň ortalarynda birnäçe graflar, baronlar we Günbatar

Ýewropanyň uly hökümdarlary täze haçly ýöriş üçin taýýarlyga başlapdylar. Kiçi hökümdarlar bilen meýletinler bolsa gündogar ýoluny saýlapdyrlar.
Ýokarda Suruň gabawy wagtynda şäheri goraýan german, wenesiýa, piza, genuýa güýçleri bilen Antakyýa patrikliginiň topraklaryna edilen ýöriş wagtyndaky Sisiliýa flotun-dan gürrüň edilipdi. Şondan soňra 1189-nji ýylyň 6-njy aprelinde 52 gämiden ybarat Piza floty Sura gelipdi. Bularyň yzlaryndan bolsa birnäçe graf bilen baron hem geldi. Ibn Esiriň aýtmagyna görä, Ýewropadaky poplar bir arabyň hezreti Isa pygamberi urup duranynyň, ýüzüniň bolsa gana boýalanynyň suratyny çekip: «Ine, Mesih (Isa) pygamberi musulmanlaryň pygamberi Muhammet urýar!» diýen ýazgyny hem aşagyna ýazyp, hemme ýere aýlapdyrlar we hristian älemini musulmanlara garşy öjükdiripdirler.
Gui de Lusignanyň serkerdeliginde karargäh guran haçlylar Soltan Şakyfy-Arnun meselesi bilen gümra bolup ýörkä, 1189-njy ýylyň 2-nji iýulynda ýekşenbe güni Saýda tarapyna ýörişe çykdylar. Soltan hem olaryň öňüne geçip, bu ýörişe böwet boldy. Bu söweşde Soltanyň memluklaryndan Aýbeg Ahraş şehit boldy. Mundan iki gün soňra iki tarapyň arasynda ýene-de çaknyşyk boldy. Ýewropalylar ýene yza serpikdirildi. Soňra Soltan Tybniniň we Akkanyň goraglaryny has-da güýçlendirdi.
Şakyfy-Arnunyň boýun egerine garaşýan Soltan 1189-njy ýylyň 22-nji iýulynda şenbe güni Akkadaky ýewropalylara garşy beýleki bölümler bilen hem ylalaşdy we haçlylara garşy ýöriş etdi. Ýöne öň hatarky goşun bölümindäki araplaryň taktiki näsazlyklary sebäpli onuň pirimi amala aşmady. Netijede Soltan 1189-njy ýylyň 26-njy iýulynda Merji-Uýundaky karargähine gaýdyp geldi. Ýewropalylar bolsa bir aý töweregi ümsüm durdular we Sisiliýa bilen Piza flotlarynyň kömegi bilen Akkanyň üstüne ýörişe taýýarlandylar. Olar taýýarlyklaryny gutaransoňlar, 1189-njy ýylyň 22-nji awgustynda çarşenbe güni ýewropalylar flot bilen deňiz üstünden, goşun bilen gury ýerden Suryň günortasyndan korol Gui de Lusignanyň serkerdeliginde ýörişe geçdiler. Soltanyň bu ýere ýerleşdiren bölümi ýeterlik däldi. Soltan öňürti bu ýörişe bir hiledir öýtdi. Emma haçan-da 26-njy awgustda ýewropalylaryň pyýada we atly goşunlary bilen Akka tarap gelýändiklerini görensoň, daş-töwerege hatlar ýollap esgerlerini jyhada çagyrdy, harby mejlis geçirdi we ýewropalylar Akka golaý gelmän-käler olary

ýeňmegiň has aňsat boljakdy-gyny aýdyp, şeýle diýdi: «Ýewropalylar eger bir ýere ýapyşsalar edil sakyrtga ýaly ýelmeşýärler. Soň olary ýerinden hem gymyldadyp bolmaýar». Emirler onuň sözlerini makul bilmediler. Ol syrkaw bolsa-da 1189-njy ýylyň awgustynda ýekşenbe güni irden ýanyndaky güýçler bilen ýörişe gitdi we 29-njy awgustda çarşenbe güni Akkanyň etegindäki Harruba dagyna bardy. Ýewropalylar 27-nji awgustda (585-nji ýylyň rejep aýynyň 14-i) flotlary we guryýer goşunlary bilen Akkanyň etegine baryp, şäheri deňiz hem gury ýer tarapyndan gabadylar. Soltanyň ýanynda esgerleriň sany juda azdy. Ol derrew hüjüme geçip bilmedi. Soltan Harruba dagynyň üstünden duşmanynyň gabaw ýagdaýyny barlady. Gabawyň birnäçe gowşak nokadynyň bardygyna göz ýetirdi. Bu gowşak nokatlardan gije şähere goşmaça güýçler salmagy başardy.
Şol wagt töwerekden täze goşun bölümleri gelip başlady. Soltan goşunyny bölümlere bölüp, hatara düzdi we Akka meýdanyna tarap ýöredi. Tell Kaýsanda karargähini gurup, duşmanyň daşyny gury ýerden gabawa aldy. Öň hatar bölümlerini çykardy. Duşman bolsa daşary bilen deňizden arabaglanyşygyny sazlaýardy. Gabaw edenleriň özleri gury ýerden gabalypdylar. Grossetiň we beýleki ýewropaly taryhçylaryň aýtmagyna görä, şol wagt Akkanyň etegindäki ýewropa goşuny örän azdy, Akkanyň içindäki bölümiň dörtden biri ýalydy. Emma gabawy hut öz gözi bilen gören Ibn Şetdadyň aýtmagyna görä, ýewropalylaryň goşuny 2 000 atly, 30 000 pyýadadan ybaratdy. Sentýabryň ortalaryna Mosul, Diýarbekr, Sinjar, Eljezire esgerleri hem geldiler. Ýewropalylar hem üznüksiz deňizden kömek alýardylar.
Sentýabr aýynyň başynda flamandlar-dan, daniýalylardan ybarat 500 gämilik flot, yzyndan hem Italiýadan gelen gämiler bilen Flandranyň meşhur rysary Ýago d’Awesnes, Bar Briýenniň we Dreksiň serkerdeliginde flamand we fransuz floty, munuň yzyndan londonlylardan ybarat uly bolma-dyk bir eskadra gelýärdi. Olar Ymadeddiniň sözleri bilen aýtsak: «Deňziň ýüzüni gämilerden ybarat perde bilen örtdüler». Iki tarapyň öň hatarky goşun bölümleriniň arasynda çaknyşyklar bolýardy. Ahyry Takyýeddin bilen Gökböri hem gelip goşuldylar. Ýewropalylar täze gelen bölümler bilen aradaky boşluklary dolduryp, 1189-njy ýylyň sentýabrynda şäheriň daşary bilen gatnaşygyny bütinleý kesdiler. Soltan hem emirleri bilen maslahatlaşyp, 1189-njy ýylyň 14-nji sentýabrynda irden söweşmek üçin duşmana golaýlaşdy. Duşmany gysyp başlady.

Ýewropalylar atlylary we pyýada goşuny bilen bir diwar ýaly bolup durdular. Hatda ýerlerinden hem aýrylmadylar. Olardan biri öldürilse, onuň ýerini başga biri dolduryardy. Soltan ertesi gün irden duşmanyň çemberiniň gowşakdygy üçin Akkanyň demirgazyk derwezesine seredýän Takyýeddiniň serkerdeligindäki tarapy güýçlendirip, duşmanyň çep ganatyny derbi-dagyn etdi. Duşman korol Guiniň çadyrynyň ýerleşýän günorta derwezesine tarap gaçdy. Demirgazykdaky Garaguş gapysyndan tä ortaky gapy aralygyndaky bölüm duşmandan arassalandy. Soltan şähere girip goragçylary güýçlendirdi. Olaryň başyna serkerde hökmünde Abul-Heýja Semini belledi. Şäheriň häkimi bolsa Bahaweddin Garagusdy. Ymadeddin şol wagt duşmanyň gowşandygyny we olary ýerle-rinden kowup çykarmagyň aňsatlaşandygyny, ýöne emirleriň we esgerleriň duşmana täzeden jemlenmäge pursat berendiklerini aýdýar.
16-njy iýulda ýekşenbe güni musulmanlar duşmany ýerlerinden kowup çykarmagy niýet etseler-de, duşmanyň özüniň karargähiniň daşyna naýzaly pyýadalardan diwar aýlandygy üçin hiç hili netije gazanyp bilmediler. Mundan soňra emirleriň käbiri şu wagt hüjüm etmegi, käbirleri bolsa duşmanyň köpdügi üçin täze goşmaça güýçler gelensoň hüjüm etmegi maslahat berdiler. Haçlylar hem bu pursatdan peýdalanyp, daş-töwereklerini garym we diwar bilen gurşamaga başladylar. Olar şäheriň töweregindäki gabaw çemberini tamamlap, 19-24-nji sentýabr günlerinde musulmanlara garşy iki sany kiçiräk hüjüm etdiler. Soltan hem karargähini duşmana golaý ýer bolan Tell Ywazyýä geçirdi. Iki tarapyň arasynda ýokanç kesel ýaýrady. Bu keselden 26-njy sentýabrda Husameddin Tümen, 11-nji sentýabrda bolsa Husameddin Sungur Halaty ýogalypdy. Soltan hem keselläpdi we 1189-njy ýylda kesellän erbet keselinden sagalmandy.
Her gün Akkada goşunyň öň hatarky bölümleri bilen duşmanyň arasynda çaknyşyklar bolup geçýärdi. Duşman orunlaryny bermejek bolup jan çekýärdi. Käwagt iki tarap çaknyşygy goýup, öz aralarynda söhbetleşýärdiler, soňra bolsa ýene söweşe başlaýardylar. Taryhy makalalar